THE ASHGABAT TIMES

Türkmenistanyň Bilim ministri Baýramgül Orazdurdyýewanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Katar Döwletiniň Doha şäherine iş sapary amala aşyrýar.

2024-nji ýylyň 25-28-nji fewral aralygynda Türkmenistanyň Bilim ministri Baýramgül Orazdurdyýewanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Katar Döwletiniň Doha şäherine iş sapary amala aşyrýar.

Saparyň ilkinji gününde Katar Döwletiniň Bilim ministrliginiň merkezi binasynda Türkmenistanyň Bilim ministri B.Orazdurdyýewanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen Katar Döwletiniň Bilim terbiýe we ýokary bilim ministri Buthaina bint Ali Al Jabr Al Nuaiminiň arasynda duşuşyk geçirildi. Hususan-da, taraplaryň arasynda işjeň gatnaşyklary ýola goýmak we bilim ulgamy boýunça özara tejribe alyşmak babatynda iki ýurduň arasynda uly mümkinçilikleriň bardygy bellenilip, bilim ulgamy boýunça ikitaraplaýyn meseleler ara alynyp maslahatlaşyldy.



Mundan başga-da saparyň çäklerinde türkmen wekiliýeti Katar Döwletiniň Milli muzeýi hem-de Kataryň Yslam sungaty muzeýi bilen tanyşdyryldy. Türkmen wekiliýetiniň Katar

Все права защищены

döwletindäki iş sapary dowam edýär.



Все права защищены